TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

— Biz Garaşsyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýerip, dünýäniň ýurtlary we halklary bilen dostlukly, hoşniýetli gatnaşyklary alyp barýarys.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2025 | Dekabr | #10/45

# Türkmenistanyň Bitaraplygynyň taryhy kökleri



Türkmenistan Watanymyz bu gün Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, döwletimiziň baş sütünleriniň biri bolan hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk toýuna dabaraly barýar. Türkmenistanyň Bitaraplygynyň taryhy we ruhy kökleri asyrlardan we halkymyzyň ruhy dünýäsinden gözbaş alýandyr.

Gahryman Arkadagymyzyň «Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr» atly kitabynda şeýle jümleler bar: «Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden Türkmenistan hemişelik Bitaraplygy döwlet — syýasy ülňüsi hökmünde seçip aldy. Bütin dünýäde ilkinji gezek Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmek hormatyna mynasyp bolan türkmen Bitaraplygy hakykatdan hem gudratdyr».

Mälim bolşy ýaly, 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Garaşsyz Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwletleriniň arasynda ilkinjileriň biri bolup, öz parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleriniň esasynda dünýäniň iň iri we abraýly halkara guramasynyň — Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky ýörite Kararnamasy, bu gurama şol wagtky 185 sany agza ýurduň biragyzdan goldamagy bilen, Türkmenistanyň yglan eden hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk ýagdaýy ykrar edildi.

«Türkmenistanyň Bitaraplygy gelip çykyşy boýunça ykrar edilendir, görnüşi boýunça hemişelikdir, ýagny wagt bilen çäklendirilen däldir, manysy boýunça pozitiwdir, konstruktiwdir. Türkmenistan Bitaraplyk derejesine parahatçylyk zamanasynda, özi hem hiç hili uruşlar bilen baglanşyksyzlykda gazanandyr».

1996-njy ýylyň 27-nji sentýabrynda Bitaraplyk derejämiz Döwlet senamyzda hemişelik orun aldy. Şeýle hem, 1997-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Döwlet baýdagymyza bitaraplygymyzyň nyşany hökmünde zeýtun baldajyklary ýerleşdirildi. Taryhdan belli bolşy ýaly zeýtun baldajygy parahatçylygyň nyşany hasaplanýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary netijesinde 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde Türkmenistanyň Bitaraplygy ikinji gezek biragyzdan ykrar edildi. Şony nazara alyp biziň ýurdumyzda 2015-nji ýyl «Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly» diýip yglan edildi.

2017-nji ýylyň 7-nji fewralynda Türkmenistanyň başlangyçlary bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etdi. Bu Kararnamanyň ykrar edilmegi Türkmenistanyň dünýä arenasyndaky Bitaraplyk syýasatynyň has-da şöhratlandyrdy.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň toýly günlerindäki halkara ähmiýetli taryhy waka bolup geçdi: 2025-nji ýylyň 21-nji martynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, 2025-nji — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda, hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda hemişelik Bitaraplyk derejämiziň üçünji gezek degişli Kararnama esasynda ykrar edilmegi Bitaraplyk syýasatymyzyň mynasyp dowam etdirilýändigini, ýurdumyzyň halkara derejedäki at-abraýynyň barha ýokarlanýandygyny, ählumumy parahatçylygy üpjün etmek boýunça tagallalarynyzyň dünýäde giňden goldanylýandygyny aýdyň görkezýär.

Türkmenistanyň gazanan Bitaraplyk derejesiniň taryhy ähmiýeti barada köp zat aýdyp bolar. Bitaraplyk döwletimize asudalykda, agzybirlikde, erkana ýaşamaga, mukaddes Garaşsyzlygymyzy berkitmäge, batly gadamlar bilen öňe gitmäge giň mümkinçilik açdy. Bitaraplyk biziň dünýädäki dostlarymyzyň, birgiden durmuş ulgamlary boýunça hyzmatdaşlyk edýän döwletlerimiziň sanynyň köpelmegine, halkara işjeňligimiziň we abraýymyzyň artmagyna getirdi. Türkmenistanyň Bitaraplygy Merkezi Aziýa sebitinde dartgynlygyň peselmegine, howpsuzlygyň berkemegine, döwletara gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagyna, hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna we ösmegine ýardam etdi. Bitarap we ylalaşdyryjy merkez hökmünde Türkmenistanyň bitiren hyzmatlary onuň abraýyna abraý goşdy.

Türkmenistanyň başlangyçlary bilen BMG-niň Baş Assambleýasy dünýä ähmiýetli 30-a golaý taryhy Kararnamalary kabul etdi, birnäçe halkara baýramçylyklar döredildi. 2024-nji ýylyň martynda BMG-niň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň teklibi bilen 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip ykrar edildi.

Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesine eýe bolmagy, Aziýada ylalaşdyryjy Merkeze öwrülmegi, Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy tötänleýin däldir. Döwletimiziň hoşniýetli, hoşmeýilli, oňyn bitaraplyk taglymaty we syýasaty, türkmen halkynyň milli häsiýetine kybap gelýän, kökleri türkmen halkynyň taryhyndan we ruhyýetinden gözbaş alýandyr.

«Kyýamat güni goňşudan», «...Ýer alma — almankaň-goňşy al», «Gülme goňşyňa, geler başyňa» — ýaly pähimlere gulluk edip gelen türkmen aga «ýşk mülküniň şasy» Mollanepes aýtmyşlaýyn: «Iki adam uruşsa, öter ýol berme,//Birisine gep berip, ol birine al berme» diýen paýhasy hem goldan bermändir. «Ýagşylyga-ýagşylyk her kişiniň işidir. Ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir», «Daş bilen urany — aş bilen ur», «Uruş, söwüş ýaraşmaga ýer goýgul», «Hoşamaý söz — süňk döwer», «Ýagşy söz ýylany hininden çykarar. Ýaman söz gylyjy gynyndan» ýaly pähim-paýhaslar ruhunda parahatsöýüjilik, ynsanperwerlik, ylalaşdyryjylyk, geçirimlilik, asudalyk bar bolan halka, millete mahsusdyr diýsek, hakykatdan daş düşmeris.

Mälim bolşy ýaly, türkmeniň «Görogly», «Gorkut ata» şadessanlary milletimiziň döreden mukaddeslikleridir, dünýä edebiýatyna we paýhas hazynasyna goşan ajaýyp goşantlarydyr. Ruhyýetimizde ägirt uly orun eýelän şol eserlere ýüzlensek parahatçylyk söýüjiligiň, goňşuçylygyň, ýüze çykan meseläni töwellaçylyk bilen çözmäge ymtylmaklygyň wagyz-nesihat edilýändigini, «uruş, sögüş ýaraşmaga ýer goý» pähimine gulluk edilýändigini ençeme mysallar bilen delillendirip bolar. Bu eserleriň gahrymanlary hiç haçan degmedige degmeýär. Üstüne sürlüp gelen duşmana garşy hem ilki hoş söz bilen çykýar, başarsalar, duşmandan dost edinýärler.

Şükür bagşynyň dawa ýol bermezlik üçin dutara sygynmagy türkmen töwellaçylygynyň we parahatçylyk söýüjiliginiň aýdyň we ajaýyp mysalydyr. Şükür bagşynyň öz agasyny zyndandan ok-ýaragyň, gylyjyň güýji bilen däl-de göwün beren sungatynyň güýji bilen halas edendigi halkymyzyň özboluşly ruhy dünýäsiniň aýdyň görkezijisidir.

Magtymguly Pyragynyň käbir ajaýyp sargytlary we öwüt-ündewlerini ýatlalyň: «Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eder,//Gylygyň bet bolsa, işiň jeň bolar». «Peşe diýip agyrtmagyl, jesetde jany bardyr». «Duşmanyň hem düşer bolsa goluňa,//Owal başda bir mürrewet gerekdir». «Görogly Reýhana niçik ýalbardy,//Amandyr diýene diýanat ýagşy».

Türkmeniň gojaman we şöhratly taryhyndan, nusgawy edebiýatyndan, halk dürler hazynasyndan mysallaryň ýene ýüzlerçesini getirse bolardy. Emma bir zat aýdyňdyr: ylalaşdyryjylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, parahatçylyk söýüjilik we bitaraplyk biziň ruhyýetimizden, milliligimizden gözbaş alýan özboluşly milli fenomenimizdir. Bitaraplyk ýörelgämiz Türkmenistanyň alyp barýan bitarap daşary syýasaty türkmen halkynyň milli häsiýetine kybap gelýän mahmal syýasatdyr.

**Süleýman SÜLEÝMANOW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň dosenti, taryh ylymlarynyň kandidaty.**

# Täzelikler

## BAE-niň ilçisiniň gatnaşmagynda okuw sapagy geçirildi

**10-njy noýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda diplomatik gatnaşyklarynyň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli Birleşen Arap Emirlikleriniň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ahmed Al-haý Al Hameli tarapyndan «Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda raýdaşlyk we ylalaşykly ýaşamak boýunça hyzmatdaşlyk» atly okuw sapagy geçirildi.



Okuw sapagyna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlary, talyplary, Birleşen Arap Emirlikleriniň Türkmenistandaky ilçihanasynyň wekilleri gatnaşdylar.

Ilçi okuw sapagynda iki ýurduň arasynda köp ýyllaryň dowamynda durmuş-ykdysady, medeni, ylym-bilim we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygyň giň gerimde alnyp barylýandygyny, iki dostlukly ýurduň Baştutanlarynyň saparlarynyň netijeli häsiýete eýe bolup, strategik taýdan has-da ösdürilýändigini belläp geçdi.

Şonuň ýaly-da, ilçi Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň taryhy ähmiýetini bellemek bilen, öňe sürülýän başlangyçlaryň sebitde we dünýäde parahatçylyk, ynanyşmak hem-de dostlukly gatnaşyklary ösdürmekde uly orna eýe bolup durýandygyny nygtady.

Duşuşygyň dowamynda hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Arap Emirlikleri bilen hyzmatdaşlygynyň geljekki ugurlary, şol sanda bilim-ylym ulgamlarynda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly sowal-jogaplar alşyldy.

## Ylmy-usuly maslahat

**14-nji noýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Aral deňziniň ekologiýa meselelerini öwrenmegiň sebitiň tebigy baýlyklaryny goramakdaky ähmiýeti» atly ylmy-usuly maslahat geçirildi. Oňa uniwersitetiň professor-mugallymlary, talyplar, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň alymlary, ylmy işgärleri hem-de Gidrometeorologiýa baradaky gullugynyň hünärmenleri gatnaşdylar.

Ylmy-usuly maslahatda ýurdumyzda ekologiýany we daşky gurşawy gorap saklamak, ýaşlara ekologiýa bilimini hem-de medeniýetini öwretmek, bu ugurda ylym-bilim we önümçilik arabaglanyşygy boýunça alnyp barylýan ylmy-barlag işleri, olaryň netijeliligini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly çykyşlar edildi.

Hususan-da, çykyşlar Aral deňziniň zyýanly täsirini gowşatmak boýunça halkara hyzmatdaşlyk, «Altyn asyr» Türkmen kölüniň baş toplaýjy akabasynyň töwereginiň ösümlik örtügi, gidrometeorologiýa işlerini gurnamagyň esaslary, Aral sebitiniň ekologik ýagdaýyny gowulandyrmagyň esasy ugurlary, Milli Aral Maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi we ýurdumyzda howanyň üýtgemegi bilen bagly amala aşyrylýan işler, Türkmen Aralýaka sebitinde ýerleriň häzirki zaman ekologik ýagdaýy we olary gowulandyrmagyň meseleleri ýaly ylmy nutuklarda beýan edildi.

## Halkara bäsleşikleriň ýeňijileri sylaglanyldy

**12-nji noýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde halkara bäsleşiklerde ýeňiji bolan talyplary sylaglamak dabarasy geçirildi. Dabaranyň dowamynda uniwersitetiň professor-mugallymlary, talyp ýaşlary Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzda bilim ulgamyny ösdürmek, häzirki zaman şertlerine laýyklykda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, bilimli, ylymly ýaşlary kemala getirmek babatda döredip berýän giň mümkinçilikleri barada uly buýsanç bilen çykyş etdiler.

Uniwersitetiň talyplary 7 — 9-njy noýabr aralygynda Polşa Respublikasynyň Katowiçe şäherindäki Silesia uniwersitetinde ýokary okuw mekdepleriň talyplarynyň arasynda matematika boýunça geçirilen halkara olimpiadada üstünlikli çykyş etdiler. Şahsy bäsleşikde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň matematika fakultetiniň talyby Şabibi Nurjanowa, maglumat tehnologiýalary fakultetiniň talyplary Hajymuhammet Ataýew, Arslanbeg Ýazmämmedow altyn, maglumat tehnologiýalary fakultetiniň talyplary Didar Gaýipow we Emir Wellekow kümüş medallara mynasyp boldular.

Şeýle hem, uniwersitetiň talyplary 6 — 9-njy noýabr aralygynda Indoneziýa Respublikasynyň Bali şäherinde geçirilen «Bütindünýä ýaş fizikaçylar olimpiadasy — 2025» atly ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda fizika dersi boýunça geçirilen bäsleşikde medallaryň 6-syna (2 altyn, 2 kümüş, 2 bürünç), şonuň ýaly-da, Baş baýraga mynasyp boldular. Bäsleşigiň netijesi boýunça fizika fakultetiniň radiofizika we elektronika hünäriniň talyby Musa Artykow Baş baýraga, altyn medala, şeýle-de, şol hünäriň talyby Kerim Çerkezow altyn medala, radiofizika we elektronika hünäriniň talyplary Dawut Alybaýew we Mähriban Kakamyradowa kümüş medallara, radiofizika we elektronika hünäriniň talyplary Aýşat Saparowa we Arslan Jumaýew bürünç medallara mynasyp boldular.

Talyplaryň gazanan bu ajaýyp üstünlikleri Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň Halkara Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygyna ajaýyp sowgat boldy.

Dabaranyň dowamynda uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymçylary tarapyndan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şöhratly işlerini, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny hem-de türkmen ýaşlaryny wasp edýän aýdymlar ýerine ýetirildi.

Dabara bilen ugurdaş uniwersitetiň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň, uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň okuw kitaplarynyň, gollanmalarynyň, monografiýalarynyň hem-de berkarar Watanymyzyň şöhratly taryhyny we häzirki ösüşlerini beýan edýän taslamalaryň sergisi guraldy.

Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlaryň dünýä derejesinde zehin-başarnyklaryny açyp görkezmekleri babatda döredýän giň mümkinçilikleri üçin hoşallyk sözlerini beýan etdiler.



## Inklýuziw okatmagyň we öwrenmegiň SCAFFOLD usulyýeti boýunça duşuşyk

**11-nji noýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Ýewropa Bileleşiginiň Ýewropa okuw gaznasynyň Merkezi Aziýa boýunça utgaşdyryjysy Kristina Hemşemaýer tarapyndan «Merkezi Aziýada ukyply ýaşlary üçin dialog we hereket» (DARÝA) atly sebitleýin taslamasynyň 2025-nji ýyl üçin Iş meýilnamasynyň çäginde Inklýuziw okatmagyň we öwrenmegiň SCAFFOLD usulyýeti boýunça duşuşyk geçirildi.

Duşuşyga Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlary, DARÝA sebitleýin taslamasynyň wekilleri gatnaşdylar.

Duşuşykda Kristina Hemşemaýer Inklýuziw okatmagyň we öwrenmegiň SCAFFOLD usulyýetiň kömegi bilen okatmagyň mümkinçilikleridir peýdalanylyşy, usulyýet hünär kämilleşdiriş sapaklaryna goşulmagy, bu usulyýetiň Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlaryna öwretmek barada giňişleýin belläp geçdi. Şeýle hem SCAFFOLD usulyýetini mekdeplerde ulanmak, geljekde bu usulyýetiň talyplara bilim bermegiň hilini ýokarlandyrmaga berjek täsiri hakda aýtdy.



## Rus edebiýaty jemgyýetiniň V çagyryşy

**25 — 27-nji noýabr** aralygynda Türkmenistanyň Bilim ministliginiň Halkara hyzmatdaşlyk bölüminiň wekili we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ylym bölüminiň başlygy Russiýa Federasiýasynyň Magaryf ministrligi tarapyndan Moskwa şäherinde geçirilen Rus edebiýaty jemgyýetiniň V çagyryşyna gatnaşdylar.

Çäräniň çäklerinde Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş gününiň 80 ýyllygy mynasybetli guralan «Taryhy hakykatyň sözi» atly halkara ylmy we pedagogiki forumynyň 1-nji bölüminde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ylym bölüminiň başlygy «Bilim-ylym babatda türkmen-rus hyzmatdaşlygy (Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň we M.W.Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersitetiniň mysalynda)» atly tema boýunça çykyş etdi.



# Ýaşlar baýragynyň eýeleri

*16-njy noýabrda paýtagtymyzdaky Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde ýurdumyzyň zähmetde, döredijilikde aýratyn tapawutlanan ýaşlaryna Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň döredilen güni mynasybetli her ýyl geçirilmegi däbe öwrülen dabara döredijilikli zähmeti bilen döwrümiziň ösüşlerine goşant goşýan bagtyýar ýaşlar gatnaşdylar.*

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýokary okuw mekdepleri, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýatlaryň häkimlikleri



tarapyndan bäsleşige ýaşlaryň 426-sy hödürlenildi. Şolardan 141-si bolsa ýeňijiler diýlip yglan edildi.

Olaryň arasynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary hem bar.

**— Mähri Nurýagdyýewa, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

**— Jelaleddin Gurbanow, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 5-nji ýyl talyby.**

**— Jemşit Halbaýew, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň matematika we informatika hünäriniň 5-nji ýyl talyby.**

**— Leýla Hallyýewa, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň psihologiýa hünäriniň 5-nji ýyl talyby.**



**— Erkin Merdanow, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň himiýa hünäriniň 5-nji ýyl talyby.**

Türkmenistanyň Ýaşlar baýragyna mynasyp bolan ýaşlar degişli şahadatnamalary we hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlary buýsanç bilen kabul etdiler.

Dabara gatnaşyjylar ýaşlaryň jemgyýetçilik işjeňliginiň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna, parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge, ýaşlar dialogynyň ösdürilmegine gönükdirilen çäreleriň möhüm ähmiýete eýedigini nygtadylar. Olar bu ugurda alyp barýan köptaraply işleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## «Türki halklaryň iň gowy talyby»

***Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň 4-nji ýyl talyplary Zyýada Ýusubowa we Nurýagdy Baýryýew «Türki halklaryň iň gowy talyby» atly halkara bäsleşigiň ýeňijisi boldular we türki döwletleriň ýaşlar syýasatynyň ösüşine goşan goşandy üçin I derejeli diplom, «Türki halklaryň iň gowy talyby» diýen döşe dakylýan nyşan, Kubok we şahadatnama bilen sylaglanyldy.***





Bäsleşigi Gazagystan Respublikasynyň Bilim ministrliginiň ýardam bermeginde «Bilim-orkenieti» milli innowasiýa-barlag merkezi «Žana Kazakstan» innowasiýa merkezi bilen bilelikde gurady.

Halkara bäsleşige türki döwletleriň zehinli talyp ýaşlary gatnaşdylar. Oňa gatnaşyjylaryň talyplyk döwründe okuwda, ylymda, sungatda, sportda we beýleki ugurlarda gazanan üstünliklerine baha berildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Durmuş syýasaty rowaç alýar

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe sürýän durmuş syýasatyna degişli işler, bu günki gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tagallasy bilen uly rowaçlyklara beslenýär. Alnyp barylýan işleriň özeninde adamlaryň mynasyp ýaşamagyny, asuda, abadan, bagtyýar durmuşy üpjün etmek ýörelgesi durýar.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuş syýasaty, çagalaryň, uly ýaşly adamlaryň we ýaşlaryň durmuş goraglylygy taglymatlarynyň ylmy esaslaryny öwrenmek häzirki döwürde biz mugallymlar üçin möhüm wezipe bolup durýar. Bu wezipeler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe öňe sürülýän durmuş-syýasy, durmuş-ykdysady, durmuş-medeni taglymatlary ylmy esasda öwrenmek, olaryň dünýäniň ylmy giňişliginde alnyp barylýan işleriň mynasyp ornuny kesgitlemek, häzirki döwürde gazanylan ylmy mümkinçilikler bilen aýakdaş gitmek ýaly möhüm wezipeleri özünde jemleýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tagallasy bilen 2023-2024-nji okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda bakalawr maksatnamasy boýunça durmuş işi hünäriniň açylmagy ýaşlaryň dürli hünärleri ele almaga uly mümkinçilikleriň döredilýändigini bellemek möhümdir.

Durmuş syýasaty — bu döwlet tarapyndan ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak, jemgyýetde deň mümkinçilikleri üpjün etmek we raýatlaryň abadan, asuda ýaşaýşyny gazanmak ugrunda alnyp barylýan işleriň toplumydyr. Ýurdumyzda bu ugurda alnyp barylýan syýasaty Baş Kanunymyzyň we kadalaşdyryjy we düzgünleşdiriji resminamalarynda, durmuş-ykdysady maksatnamalarda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňe sürýän durmuş-ykdysady syýasatynda öz beýanyny tapýar.

2023-nji we 2024-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Özbegistandaky, Moldowadaky, Gruziýadaky wekilleriniň Türkmenistana iş saparlarynyň çäklerinde, ÝUNISEF-iň Aşgabatdaky durmuş syýasaty boýunça hünärmenleriniň, uniwersitetimiziň mugallymlarynyň, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň işgärleriniň we talyp ýaşlaryň gatnaşmagynda okuw-maslahat sapaklary geçirilipdi.

Onuň logiki dowamy hökmünde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 27 — 31-nji oktýabry aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ÝUNISEF-iň bilermeni Olga Moiseýenkonyň, ÝUNISEF-iň Aşgabatdaky durmuş syýasaty boýunça hünärmeni Gülälek Berdiýewanyň, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň wekili Şemşat Abdyýewanyň, Türkmenistanyň Adalatçysynyň Diwanynyň wekili we Türkiýäniň sosial hyzmatlar boýunça hünärmeni, adalatçysy Dilek Demir Aslanyň alyp barmagynda hem-de onuň çäklerinde ýurdumyzyň durmuş işi boýunça hünärmenleri, işgärleri, Seýitnazar Seýdi



adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň we uniwersitetimiziň mugallymlary üçin okuw-maslahat sapaklary guraldy. Okuw-maslahat sapaklary «Habary kabul etmek we onygaýtadan işlemek», «Şahsy zerurlyklara baha bermek», «Pudagara iş toparyny döretmek», «Genogramma (maşgala maglumaty hakynda ýazgy) serişdesi», «Ekokarta guraly», «Toplumlaýyn bahalandyrmak: umumy düzgünler», «Ýaşy uly adamlary toplumlaýyn bahalandyrmak», «Çaga, onuň maşgalasyna we ýakyn gurşawynyň ýagdaýyna toplumlaýyn baha bermek», «Şahsy (Indiwidual) meýilnamany işläp düzmek», okuwyň 3-nji bölümi boýunça aralyk jemleme işlerini ýola goýmak tertibinde geçirildi.

Pursatdan peýdalanyp şular ýaly okuw-usuly sapaklaryny guramaga, alyp barmaga we gatnaşmaga uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp-köp sagbolsun aýdýarys.

**Döwlet BAÝMYRADOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy,**
**syýasy ylymlaryň kandidaty.**
**Sapargül GELDIÝEWA,**
**psihologiýa kafedrasynyň uly mugallymy.**

# Uniwersitet habarlary gysga setirlerde

**19 — 25-nji oktýabr** aralygynda Britan Geňeşiniň Merkezi Aziýada iňlis dilini öwretmegiň hilini ýokarlandyrmak boýunça maksatnamasynyň (AELLCA) mugallymlaryň hünär kämilleşdiriş bilim taslamasynyň (PRESETT) çäklerinde Daşkent şäherinde ýerleşýän Özbegistan döwlet dünýä dilleri uniwersitetinde geçirilen iňlis dili boýunça hünärmenleriň hünär kämilleşdiriş okuwlaryna iňlis diliniň stilistikasy we grammatikasy kafedrasynyň mugallymy G.Döwletow gatnaşdy.

***

**27 — 31-nji oktýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde BMG-niň Çagalar Gaz-



nasynyň (ÝUNISEF) halkara bilermeni Olga Moiseýenkonyň iş saparynyň çäklerinde ýurdumyzyň durmuş işi boýunça hünärmenleri üçin geçirilen okuw maslahatyna jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy D.Baýmyradow we şol kafedranyň mugallymy S.Kakajykow, şeýle hem psihologiýa kafedrasynyň mugallymlary S.Ataýewa we S.Geldiýewa gatnaşdylar.

***

**30-njy oktýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkiýe Respublikasynyň Ombudsmeniniň edarasynyň wekili Aýşe Deňiz Aýgünüň ýurdumyza iş saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Adalatçysy hem-de durmuş işi boýunça hünärmenleri bilen okuw maslahaty we duşuşyk geçirildi.




***

**5-nji noýabrda** Birleşen Milletler Guramasynyň Aşgabatdaky binasynda ÝUNISEF-iň halkara bilermeni Joanna Rojersiň gatnaşmagynda Alternatiw ideg boýunça mukdar we hil maglumatlaryny ýygnamak, işläp taýýarlamak we seljermek, şeýle hem 2025-nji ýylyň başynda



ýygnalan alternatiw ideg maglumatlarynyň gözden geçirilmeginiň netijelerine bagyşlanan okuw maslahatyna jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy D.Baýmyradow we «Durmuş işi» hünäri boýunça 3-nji ýyl talyplar gatnaşdylar.

***

**6-njy noýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Çagalary goramak we durmuş işi hyzmatlary boýunça halkara bilermeni Swetlana Ryžikowa bilen jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy D.Baýmyradowyň we şol kafedranyň mugallymy S.Kakajykowyň, psihologiýa



kafedrasynyň mugallymlary S.Ataýewanyň hem-de S.Geldiýewanyň, raýat hukugy kafedrasynyň mugallymy Ş.Garaýewiň, şeýle hem «Durmuş işi» hünäri boýunça bilim alýan 2-3-nji ýyl talyplaryň gatnaşmagynda duşuşyk geçirildi.

***

**6-njy noýabrda** «Italofoniýa: serhetleriň aňyrsyndaky dil» atly italýan dili hepdeliginiň çäklerinde Italiýa Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi bilen geçirilen duşuşyga Perujanyň daşary ýurtlylar üçin uniwersitetinde hünär kämilleşdiriş okuwlaryny geçen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlary we talyplary gatnaşdylar.

***

**7-nji noýabrda** «Ýyldyz» myhmanhanasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy tarapyndan Global Biodürlüligi Maksatnamasynyň çäklerinde UNDP-nyň halkara hünärmeni Mihail Paltsyň gatnaşmagynda irki çäreleri goldamak boýunça geçirilen okuw maslahatyna botanika kafedrasynyň mugallymy G.Ahmedowa gatnaşdy.

***

**7-nji noýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Medeni miras: geçmişden geljege» ÝUNESKO kafedrasy tarapyndan Birleşen Milletler Gu-



ramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen guramasynyň (ÝUNESKO) esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistan — ÝUNESKO: parahatçylyk ugrunda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk» atly geçirilen dabaraly çäresine uniwersitetiň mugallymlary hem-de talyplary gatnaşdylar.

***

**12-nji noýabrda** «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen L.N.Gumilýow adyndaky Ýewraziýa milli uniwersitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk we özara kömek bermek hakyndaky Ylalaşygyň» çäklerinde bu ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň gatnaşmaklarynda «Ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda öňdebaryjy tejribeleriň ähmiýeti» atly tema boýunça wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda hyzmatdaşlygyň birnäçe möhüm ugurlary boýunça gatnaşyklary çuňlaşdyrmagyň amaly meselelerine üns berildi. Taraplar ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda öňdebaryjy tejribeleriň ähmiýeti, hünär kämilleşdirmek boýunça maksatnamalary ösdürmek hem-de ýokary okuw mekdepleriniň arasynda akademiki alyş-çalyşlary işjeňleşdirmek barada pikir alyşdylar.

Duşuşygyň netijesinde taraplar amaly hem-de özara peýdaly hyzmatdaşlygy has-da çuňlaşdyrmaga taýýardygyny tassykladylar.

***

**18-nji noýabrda** «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen L.N.Gumilýow adyndaky Ýewraziýa milli uniwersitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk



we özara kömek bermek hakyndaky Ylalaşygyň» çäklerinde, ylym-bilim babatynda halkara hyzmatdaşlygyny döwrebap ösdürmek maksady bilen «Daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýeti babatyndaky hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri» atly tema boýunça ýokary okuw mekdebimiziň we Gazagystan Respublikasynyň bu hyzmatdaş ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlarynyň gatnaşmaklarynda wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi.

***

**18 — 20-nji noýabr** aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk guramasynyň (ÝHHG) guramagynda ÝHHG-niň Türkmenistandaky Merkezi guramasynyň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji Rýune Kastbergiň we hünärmen Swetlana Ostrouşenkonyň gatnaşmagynda žurnalistika ugrunda bilim alýan talyplar üçin sanly sowatlylyk boýunça okuw maslahaty geçirildi.

***

**21-nji noýabrda** «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Pekiniň daşary ýurt dilleri uniwersitetiniň arasynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnamanyň» çäklerinde, ylym-bilim baba-



tynda halkara hyzmatdaşlygyny döwrebap ösdürmek maksady bilen «Ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda halkara hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri» atly tema boýunça ýokary okuw mekdebimiziň we Hytaý Halk Respublikasynyň bu hyzmatdaş ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlarynyň gatnaşmaklarynda wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Talyplarymyzyň üstünlikleri

**28-nji noýabrda** Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň we «Garagum» žurnalynyň redaksiýasynyň bilelikde yglan eden «Halklaryň dostlugy — dünýäniň parahatlygy» atly döredijilik bäsleşiginiň jemi jemlenildi.

Ýaşlaryň çeper döredijilige bolan höwesini artdyrmak, olaryň ukyp-başarnyklaryny açyp görkezmek maksady bilen geçirilen bu bäsleşikde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryh fakultetiniň 2-nji ýyl talyby Medet Mededow 2-nji orna, şeýle-de türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň 4-nji ýyl talyby Enejan Hanowa 3-nji orna mynasyp boldular.

Döredijilik bäsleşiginde ýeňiji bolanlara bäsleşigi guraýjylar tarapyndan Hormat hatlary we gymmat bahaly sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Bäsleşigiň ahyrynda oňa gatnaşyjylar türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş sözlerini aýtdylar.





***

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň italýan dili we edebiýaty hünäriniň 5-nji ýyl talyby Bahar Aýdogdyýewa «Köňülleri birleşdirýän sungat» atly bäsleşikde 1-nji orna mynasyp boldy.

Bäsleşik Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Parahatçylyk Gaznasynyň müdiriýeti, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi hem-de «Dünýä edebiýaty» žurnalynyň redaksiýasy tarapyndan guraldy.

Halkara Bitaraplyk güni, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemek, olaryň döredijilik başarnyklaryny ösdürmek, dünýä halklaryny edebi terjimeler arkaly ýakynlaşdyrmak maksady bilen geçirilen bäsleşik zehinlileri ýüze çykarmakda ähmiýetli boldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Filosofiýanyň taryhynda adam meselesi: deňeşdirme seljermesi

***Adam bu biziň maddy we ruhy dünýämizi çuňňur filosofik we tebigy-ylmy garaýyşlar bilen baýlaşdyran, çylşyrymly biososial hem-de psihologik gurluşly gaýtalanmaz jandardyr. Bu janly jandardyr, ol tebigatyň bölejigi hasaplanylýar, bu öz-özüniň içinde hem kiçi, hem uly dünýä, bu dünýäleriň dünýäsidir. Şol bir wagtyň özünde adam uly we ähtimal, soňsuz dünýäniň ownuk bölejigidir. Berlen makalada adamyň tebigaty baradaky soraglar ahlak-etiki kadalar nukdaýyndan onuň tebigy we sosial sypatlary bilen utgaşyklykda seljerildi.***

Esasy sözler: filosofiýa, medeniýet, adamyň tebigaty, adamzat tebigatynyň dualizmi, keşp, şahsyýetiň ruhy dünýäsi.

**“Human is an entity of biosocial and psychological structure, unique and inimitable phenomenon, which enriched our material and spiritual world with philosophical deep ideas. In essence that living creature is a part of nature. Human is also a small and enormous life existing in it, like world of worlds. In addition, the smallest particle of a huge, of endless world is human. The issue of the essence of humanity in the combination within his natural and social qualities from them point of view of ethical norms is discussed in the article”.**

Filosofik we syýasy pikiriň taryhynda adam meselesi çylşyrymly hem-de üýtgewsiz temalara degişli edilýär. Şol bir wagtyň özünde adamyň ýaşan gurşawyna we wagtyna garaşsyz, ýönekeý we gaýtalanmazlygy sebäpli derňew dersi hökmünde usulyýetçiler tarapyndan saýlanylýar, bu mesele hiç haçan derwaýyslygyny ýitirmeýär we köptaraplaýyn bolmagyna galýar. Öňdengörüjilik ukybyna eýe bolan alymlaryň bir bölegi jemgyýetde erkin, hoşniýetli we mertebeli adamy kemala getirmek amalyýetini wagyz edýärdiler. Adamzat medeniýetini dörediji we göterijidir.

Seredilýän meseläniň çylşyrymlylygy we toplumlaýynlygy adamyň tebigatyna düşünmekde umumy paradigmanyň, şeýle hem adam bu kim we ol nähili bolmaly diýlen baky (ebedi) soraglara jogaplaryň gözleginde jemlenendir. Adamyň tebigatyna bagyşlanan beýleki işlerden tapawutlylykda berlen makalada meseleleriň goýluşy we olara çemeleşmegiň usullary özboluşlygy bilen häsiýetlenýär. Derňelýän meseläniň okyjylar tarapyndan bir mazmunly däl kabul edilmegi mümkin, çünki pikirleriň plýuralizmi, dürli garaýyşlaryň we dünýägaraýyşlaryň (başgaça aýdanymyzda, demokratik institutlaryň we gymmatlyklaryň) barlygy şertlerinde şol bir pikir hemmelerde birmeňzeş gyzyklanmany döredip bilmeýär we hemmeler tarapyndan bir mazmunly kabul edilmeýär. Makalada aýdyljak pikir boýunça, eger-de berlen mesele mazmun we hil tarapdan islendik jemgyýetde dar, intellektual, örän takyk auditoriýanyň ünsüni çekse, bu eýýäm okyjynyň döredijilikli üstünligi bolup durýar.

Gadymy Gresiýanyň Delfa şäheriniň gümmeziniň (mawzoleýiniň) diwarynda haşamlanan «Öz-özüňe akyl ýetir» ýazgysy ol ýere barýan ähli adamlaryň ünsüni çekýär. Bu sözler adama degişlilikde filosofik çagyryş hökmünde çykyş edýär, bu diňe bir adama ýüzlenme däl, bu tutuş adamzada (giňişlige we wagta garamazdan ähli nesillere) ýüzlenme bolup, sagdyn paýhasa we dünýä özbaşdak akyl ýetirmek ukybyna eýe bolan her bir indiwide onuň esasy maksadynyň — diňe bir real hakykata (tebigata we jemgyýete) däl-de, eýsem, öz gaýtalanmazlygyna, ýöriteleşen tebigatyna, indiwidual durmuşyna, adamzat nesilleriniň ösüş aýratynlyklary bilen bagly bolan öz isleglerine we gyzyklanmalaryna, şeýle hem öz-özüni beýan etmegiň we öz-özüni işjeňleşdirmegiň içki we daşky şertlerine akyl ýetirmelidigi baradaky ýatlatmadyr. Gadymy grek filosofy Hilonyň belleýşi ýaly, ýerdäki medeniýeti Älemiň paýhasynyň merkezi diýip hasaplaýan adam üçin özünden has gyzykly hiç hili obýekt ýokdur.

Döwrebap ylymlar ulgamynda adam meselesi ilkinji hatarlara çykaryp, wajyp akyl ýetiriş, dünýägaraýyş we usulyýet ähmiýetine eýe bolup, adamzat pikiriniň ösüşini ugrukdyrýan derwaýys meseleleriň biridir. Bir tarapdan, tebigatyň we jemgyýetiň kanunlarynyň bitewüligi, beýleki tarapdan, obýektiw barlygyň sintezi bilen häsiýetlenýän adamzat fenomeniň gaýtalanmazlygy indiwide akyl ýetiriş obýekti hökmünde gatnaşygy we ylmy derňewler ulgamynda oňa aýratyn orunuň berilmegini şertlendirýär. Ylmy akyl ýetirişiň döwrebap meseleleriniň arasynda adam meselesi aýratyn derejede tapawutlandyrylan, onuň ylmy takyklygy, gnoseologik gymmatlygy, usulyýet ähmiýeti we epistemologik agramy bolsa barha artýar. Antropologik derňewler gurşawynda fundamental tebigy, ynsanperwer, medeniýeti öwreniş ylymlaryň we ylmy-amalyýet toplumlaryň (lukmançylyk, pedagogik we tehniki ylymlaryň) gyzyklanmalary özara arabaglanyşdyrylýar.

Jemgyýetçilik ylymlary ulgamynda adam meselesini öwrenmegiň jähetleri örän giňişleýin we köpdürlüdir, sebäbi berlen ylymlarda indiwidi sosial ulgamlaryň esasy düzüjisi, sosial gatnaşyklaryň gaýtalanmaz we ýönekeý göterijisi, jemgyýetiň we taryhy hadysanyň esasy öndüriji güýji, şeýle hem terbiýäniň obýekti hökmünde öwrenýärler. Okatmak we terbiýelemek soraglary bilen baglanyşykda seredilýän mesele pedagogik ylymlaryň hem üns merkezinde ýerleşýär. Adamyň ýaşaýyş-durmuşynyň funksiýalarynyň orunlaryny tutýan aragatnaşyga we dolandyryşa, şeýle hem awtomatlaşan enjamlara gözegçilik ulgamlaryny döretmeklik adam meselesiniň tehniki ylymlar tarapyndan hem öwrenilmegini şertlendirdi.

Şeýlelikde, döwrebap jemgyýetde adam we onuň ösüşiniň obýektiw kanunlary barada takyk hem-de ylmy bilimleriň zerurlygy tötänleýin häsiýete eýe däldir. Ol ylmy bilimleriň özleriniň ösüş logikasyndan we ösüşiň güýçli depgininden gelip çykýar. Adam meselesiniň derwaýyslygy barada gürrüň edilende, onuň ykdysadyýetiň dürli gurşawlary üçin ähmiýetini bellemek zerur, sebäbi döwrebap jemgyýetiň öňünde duran bir hatar ýumuşlar (meselem, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy, tehnikanyň we tehnologiýanyň ösüşi, bilim we saglygy goraýyş ulgamlary kämilleşdirmek, terbiýeçilik işiň derejesini ýokarlandyrmak we beýlekiler) berlen meseläniň döwrebap ylmy akyl ýetirişiň talaplaryna laýyklykda ulgamlaýyn we toplumlaýyn öwrenilmegini talap edýär. Biz bir hatar amalyýet ýumuşlary çözülende adamzat görkezijisini paýhasly ulanmak zerurlygyna gabat gelýäris. Ykdysadyýetçiler, inženerler, önümçiligiň guramaçylary, pedagoglar, psihologlar, lukmanlar we beýleki hünärmenler (öz hünärlerine garamazdan), köplenç, adamzat görkezijisine iş salyşýarlar we öz amalyýet işlerinde ony göz öňünde tutmak zerurlygyny aýdyň duýýarlar. Ýöne, köplenç, gynansak-da, adam meselesiniň uly göwrümli taglymy we amaly bilimleriniň barlygyna garamazdan, şahsyýeti derňew dersine öwürýän ylmy ugurlar entek doly derejede kemala gelmedik. Şu günki günüň hakykaty — antropologiýada we filosofiýada adam barada toplanan bilimler bilen özara berk bagly bolmadyk derňewlerde jemlenen. Adam meselesini öwrenmeklige islendik başlangyç geljekde döredijiljek adam baradaky gutarnykly ylmy konsepsiýanyň esaslaryny taýýarlamaklyga hyzmat edýär. Berlen işde jikme-jik netijeleri, taglymy umumylaşdyrmalary we çuňňur filosofik seljermäni ulanmazlyk kynçylyklary döreder.

Şeýlelikde, biz her gezek adamzat tebigatynyň çylşyrymlylygyna we onuň döredijilik başlangyjyna, şeýle hem daşky gurşaw bilen özara gatnaşyklaryna çuňňur akyl ýetirmäge synanyşyk edenimizde, biziň öňümizde adamyň tebigaty we mazmuny dogrusyndaky bir hatar düýpli soraglar durýar: «Ol kim?», «Onuň geçen ýoly nähili?», «Adamzat barlygynyň mazmuny nämede?», «Ol näme üçin ýaşamaly?», «Oňa akyl ýetirip bolýarmy ýa-da ýok?». Göräýmäge, ýönekeý we gündelik bolup görünýän berlen soraglara jogap tapmak hiç haçan aňsat bolmandyr. Adam — bu bir wagtyň özünde hem güýçli, hem gowşak, ejiz şahsyýet.

(Dowamy bar)

**Begenç MÄMMEDOW,**
**jemgyýetçilik ylymlary kafedrasynyň mugallymy.**

# Ýürek joşguny

## Türkmen milli göreşi

Türkmen milli göreşi medeniýetimiziň aýrylmaz bölegi bolup, öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Sportuň bu görnüşi örän gadymydygyna garamazdan, özüniň jemgyýetdäki ähmiýetini häli-häzire çenli birjik-de ýitirmeýär. Gaýtam, asyrlaryň dowamynda kämilleşen sportuň bu gadymy görnüşi biziň günlerimizde has uly meşhurlyga eýe bolýar.

Gadymy taryhy çeşmelerde türkmenleriň ata-babalarynyň göreş tälimleri bilen diňe bir erkekleriň däl, eýsem, zenanlaryň-da meşgullanandygy habar berilýär. Gadymy grek we rim taryhçylary Turanyň zenanlarynyň başa-baş tutluşykda, hatda şöhrat gazanan erkek pälwanlaryny-da ýeňendiklerini haýran galmak bilen beýan edýärler. Halkymyzyň geçmişinde ençeme asyrlaryň dowamynda dilden-dile geçip, biziň günlerimize gelip ýeten, türkmen halkynyň geçmişini, edim-gylymlaryny şöhlelendirýän «Görogly» şadessanyny okanymyzda, Göroglynyň, Bezirgeniň keşplerinde, gelin-gyzlaryň arasynda Harmandäliniň, Aýsoltanyň keşplerinde, biz halkymyzyň durmuşynda göreşiň nähili ähmiýete eýe bolandygyny, halkymyzyň pälwanlara nähili hormat-sarpa goýýanlygyny aýdyň görýäris. Şeýle hem beýleki edebi gymmatlyklarda, rowaýatlarda we hekaýatlarda türkmen zenanlarynyň erkek adamlar bilen deň hatarda dürli söweşlerde ene topragy gaýduwsyzlyk bilen gorandyklary barada aýdylýar. Şonda olara heniz çagalyk ýyllarynda sportuň köp hereketi talap edýän dürli görnüşleri bilen meşgullanmaklary netijesinde, alan tälimleri kömek edipdir.



Adatça, türkmen toýlarynda göreş açyk meýdanda, çäganiň üstünde geçirilipdir. Oňa tomaşa edýänler göreş meýdançasynyň daşyna tegelenip oturyp ýada dik durup tomaşa edýärler. Jarçy jar çekip, «Pälwan bolsaň, çyk orta, how!» diýip, şol göreş üçin goýlan baýragy yglan edýär. Göreşde dürli emeller ulanylýar. Onuň esasy netijesi garşydaşyňy göreşip ýykmakdyr. Iki tarapyna «tegeläp» bir tarapyna dyzyna göterip ýykmak hormatlanýan tärleriň biridir. Göreşde götermek emeline garşy badak salmak emeli ulanylýar. Bu emele «çopan badagy» hem diýilýär. Olardan başga-da göreşde çilme, ilme, kakma, silkme, ýanbaşlama ýaly dürli emeller edilipdir.

Türkmen toýlarynda şowhunly göreşe ýakyndan, uzakdaky obalardan pälwanlar gatnaşyp, toýuň şüweleňi has-da artypdyr. Ol pälwanlar diňe öz atlaryndan däl, eýsem, öz obalarynyň adyndan hem göreşip, obasynyň abraýyny gorapdyrlar.

**Tirkiş ÝUSUBOW,**
**bedenterbiýe kafedrasynyň mugallymy, Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi, halkara derejeli emin.**

## Ilkinji söhbetdeşlikler

«Interwýu» (söhbetdeşlik) sözi fransuz dilinden gelip çykyp, «Entrevue» — ýagny «iki adamyň ýüzbe-ýüz duşuşygy» diýmegi aňladýar.

Söhbetdeşlik häzirki döwürde iş saýlamagyň we işgär tapmagyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Ol diňe bir adamlaryň bilim derejesini däl, eýsem, onuň şahsyýetini, tejribesini we başarnyklaryny hem görkezýär.

Söhbetdeşlik žanrynyň ösüşinde Tomas Edison aýratyn orun eýeleýär. Ol 1921-nji ýylda öz laboratoriýasyna işgär aljak bolanda, dalaşgärlere dürli ugurlardan 150 sorag berer eken. Soraglar taryh, geografiýa, matematika, edebiýat we umumy dünýägaraýyş bilen baglanyşykly bolupdyr. Edisonyň maksady diňe bir dalaşgärleriň hünär bilimini däl, eýsem, logiki pikirlenişini hem öwrenmek eken.



XIX asyryň 50-nji ýyllarynda žurnalistikanyň taryhynda örän möhüm we çuňňur yz galdyran wakalaryň biri — ilkinji gezek resmi söhbetdeşlik peýda bolýar. Söhbetdeşlik žanrynyň döreýiş taryhy diňe bir sorag-jogapdan ybarat däldi. Ilkinji söhbetdeşlik 1859-njy ýylda amerikan žurnalisti James Gordon Bennett tarapyndan alnypdyr. Ol «The New York Herald» gazeti üçin şol döwrüň meşhur şahsyýetleriniň biri bilen gürrüňdeşlik geçirýär. Bu söhbetdeşlik diňe bir maglumat ýygnamak üçin däl-de, eýsem, okyjy bilen gürrüňdeşligi ýola goýmak maksady bilen taýýarlanylýar. Ilkinji söhbetdeşlik gazet okyjylarynda şowhun döredipdir.

Netijede, žurnalistler söhbetdeşlikler arkaly diňe bir habar bilen çäklenmän, sosial we syýasy garaýyşlary hem ýüze çykaryp başlaýarlar. Söhbetdeşlik diňe bir «Näme boldy?» diýen soraga jogap bolman, eýsem, «Näme üçin boldy?» diýen sowalyň hem açylmagyna mümkinçilik berýär. Wagtyň geçmegi bilen söhbetdeşlik žanry žurnalistikanyň aýrylmaz bir bölegine öwrüldi. Häzirki wagtda telewideniýede, radioda, gazet-žurnallarda we web-saýtlarda söhbetdeşlikler iň täsirli habar çeşmesi hökmünde kabul edilýär.

**Suraý AMANMUHAMMEDOWA,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

## «Her gülüň öz ysy bar»

(liriki oýlanma)

Belki, her kimiň öz hyýalynda gurýan özboluşly bir täsin dünýäsi bardyr, mende-hä şeýle! Meniň öz hyýalymda guran dünýäm — güller dünýäsi!

Gül-reýhana bürenip oturan bu mekan öz-üniň gözelligi bilen heýjana salýan täsin, diýseň özüne maýyl ediji güllerden doly. Ol degre-daşy, owadan, müşki anbar kimin ýakymly ysy bark urup duran al-elwan reňkli çemenzarlyga bürenip otyr. Bu ýerde çigildemlerden, bägüllerden hem başga orhideýalara, kalla ýa-da Aý gülleri ýaly ençeme güllere gözüň düşende, göwnüň joşa gelýär.

Erem bagyny ýada salýan bu hoşboý ysly künjekde älem-jahana gözellik paýlaýan nurana güller öz wagtlaryny bileje, şatlyk-şagalaňda geçirýärler. Guşlaryň şadyýan jürküldileri bolsa hergiz gulagyňdan gitmejek ýakymly owaz bolup belendi-pesi ýaňlandyrýar. Bu güller mesgeniniň diňe hut özüne mahsus durmuşy bar we bu ýerde her hili täsin wakalar bolup durýar.

Elbetde, adaty durmuşda bolşy ýaly, bu ýerde hem şatlyk-şadyýanlykdan başga, käýarym dartgynly ýagdaýlar, her hili çekişmelerdir jedellerem bolaýýar! Şeýle bolaýanda-da güller agzybirlik bilen ondan dessine baş alyp çykýarlar.

...Günlerde bir gün kalla güli gülzarlykda mesgen tutan deň-duşlarynyň ählisini öz öýüne myhmançylyga çagyryp, bir desterhanyň başyna jemleýär. Öý eýesi olary güler ýüz bilen mähirli garşy alyp, süýjüden süýji, altmyş elwan, ýetmiş dürli tagam, şerbetler bilen hezzet-hormat edýär.

Şonda, şatlyk-şagalaňyň ýagşy gyzyşan mahaly Aý güli duýdansyz bir täsin teklibi orta atypdyr: «Her kim öz ukyp-başarnyklary hakynda gyzykly gürrüň bermeli!». Soňra ähli gülleriň ünsüni özünde jemlän Aý güli sözüni dowam etdirip: «Eger haýsymyz şu bäsleşikde ýeňiş gazansak, şol güli biz öz aramyzda «Iň akylly, düşbi hem-de ugurtapyjy» diýip yglan etmeli» diýipdir. Güller onuň aýdanlary bilen göwünjeň ylalaşypdyrlar.

Kalla güli bu teklibi o diýen oňlamasa-da, ähli güller ony makullansoň, garşy bolup durmandyr.



Şeýdip jedel başlanypdyr. Ilkinji bolup Aý güli söze başlapdyr: «Men dünýäde iň owadan gülleriň biridirin. Maňa taý geljek gül bolup bilmez! Siz meniň bilen bäsleşip bilmeseňiz gerek. Siziň ähliňizden tapawutlylykda, men Günüň däl-de, tümlükde Aýyň şöhlesinden hem boý alyp bilýärin. Ýagny men siziň ýaly gije ýatamok-da, işleýärin! Hemmeleriň ünsüni özüme çekip bilýärin!».

Çigildem derrew gahar-gazaba atlanyp: «Heý, mundanam bir gürrüň bolarmy, ugursyz sözleri aýtmasana. Garaňkylykda güllerini açyp, köpleri haýrana goýýarmyş! Hmm... gowusy, sen meni gör! Hemmeler maňa guwansyn, ynansyn diýip elde baryny edýärin. Olaryň elmydama meniň dostum bolup galmagy üçin, hatda öz başarmaýan işlerimi-de kemini goýman etmäge hemişe taýýar bolup durýaryn. Men daglyk, sähralyk hem-da çöllük ýerlerde-de ösüp bilýärin. Meni islendik ýere çagyrsalar-da baryp, olar üçin öz kömegimi gaýgyrmaýaryn!» diýýär.

Bu gürrüňleri eşiden gülälek durup bilmän, janygyp gürleýär: «Boldy, hany goý-la, bulam özüni öwmelimiş diýilse, aýagyny ýerden üzüberýär. Bularyň bary gülleri öz tarapyna çekmek üçin aýdylýanja gury sözler! Siz meniň gözelligime bir bakyň! Öz görk-görmegim bilen meniň hemmelerden saýlanyp durandygymy görýärsiňiz ahyryn! Men ähli adamlaryň eý görýän täsin hem-de ajaýyp gülüdirin! Esasan hem, ýaz paslynda tebigat owadan güllerden dolup, älem-jahan menden görk alýar. Şonuň üçin ýeňiji men bolmalydyryn!»

Liliýa güli hem ümsüm durup bilmedi: «Näme üçin çigildem özüni owadan hasaplan bolup, hemmelere özüne akylly diýdirjek bolýar. Ynha, menem owadan, hatda men baky gözellige eýedirin, meniň jadylaýjy hoşboý ysym bar. Ýene-de beýlekilerden tapawutlylykda, men hemme taraplaýyn hemmeleriň halaýan güli, şol sebäpli, hiç kim maňa göriplik etmesin».

Soňra orhideýa güli-de söz aldy: «Men hormata mynasyp, ajaýyp güldürin. Ýumşak reňklerim, uzak ömrüm, hoşniýetliligim bilen geçmişden şu güne çenli şol öňki durkumda. Başky gözelligimi hem ýitirmedim. «Çyn güli saklasaň, müň ýylda solmaz» diýilýän gül mendirin! Gowusy, meni saýlaň».

Bu bolup geçýän gürrüňleri serinde aýlap oturan bägül:

— Bu dünýäde bir gözel zat bar bolsa, şolam mendirin. Mende 120 sany gül ýaprak bar. Olaryň her biri akyllylykdan , ugurtapyjylykdan we owadanlykdan nyşandyr. Siz maňa ses berseňiz, dogry netijä geldigiňiz bolar — diýip, süýnüp-sarkyp gürleýär. — Men özümi şeýle bir söýýän! Men öz gözelligimi saklamak üçin käbir ýerlerde başga gülleriň haýyşyny, ýumşuny ýerine ýetiribem beremok. Eýsem, öz juwanlygyň we gözelligiň geçip barýarka, başga gül ýadyňa düşermi diýseňiz-le?!

Ahyrynda, bu jedeli jemlemek islän kalla güli gürrüňe goşulýar-da, jedeliň akymyny başga ugra gönükdirýär oturyberýär:

— Siz näme üçin biderek jedelleşýärsiňiz? Heý, özüňi magtap alan galaň bolarmy? Siz özüňizi öwmäň, goý, sizi özgeler öwsün! «Her gülüň öz ysy bar» diýilýändir . Gülleriň her biriniň hem öz orny bolýar. Ýöne ýere ähli gowy zatlara «gül» ýaly diýilmeýär ahyryn. Heý, orhideýa ýaly, gülälek ýaly... diýilýänini eşidipdiňizmi?. Gözellik dünýäni halas eder diýýärler. Şonuň üçin agzybirje bolup, tebigaty has gözelleşdireliň, adamzadyň kalbynda söýgini, mähri artdyralyň!

Myhmanlaryň ählisi bular barada çynlakaý oýlanyp, kalla gülüniň aýdanlaryny makullaýarlar we ony öz ýanlaryndan «Iň akylly, düşbi hem-de ugurtapyjy» hökmünde ykrar edýärler. Ony özleriniň geňeşdary hasaplaýarlar.

**Aýjeren MERDANOWA,**
**žurnalistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

## Talyp kalbynyň joşguny

# Toýlar toýa ulaşsyn

*Toýlar toýa ulaşsyn,*
*Eller ýaga bulaşsyn»,*
*Bu gün asuda Watan,*
*bagta dolup,*
*Gül açsyn.*

*Dünýäniň çar künjünden,*
*myhman gelsin Watana,*
*Myhmansöýer illeri*
*kalbyn ýazar gadama.*
*Eýsem, türkmen halysy*
*kalby dälmi türkmeniň,*
*Eýsem, türkmen ýaýlasy*
*kalby dälmi türkmeniň?!*
*Bu gülzarly sähralar*
*salgy dälmi türkmeniň?!*

*«Toýlar toýa ulaşsyn,*
*Eller ýaga bulaşsyn».*
*Bu gün toýlar ýaýlama*
*Nurlar düşsün Kuýaşdan.*




*Toýlar giňden tutulsyn,*
*at çapyp, ýaý atylsyn,*
*Çetde durmasyn her kes,*
*köpe-köle gatylsyn.*
*Dutaryň taryn basyp,*
*Görogly begim gelsin,*
*Dessan aýdyp, boý boýlap,*
*Şygrynda baryn söýläp,*
*Ol Gorkut babam gelsin.*
*Gutlap gelsin ýakyn-ýat,*
*Daýymu-agam gelsin.*

*Dost gelsin, dogan gelsin,*
*Gojamy, juwan gelsin.*
*Kalby baýram Diýary,*
*Kalbyna düwen gelsin.*

**Didar ERKÄÝEW,**
**taryh fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.**

### Açyş

Bu ýürege peýdasy ýok hiç zadyň,
Dideleriň derman, sözleň tebibim.
Alymlaň aýdýanna goşulmaýaryn,
Sen bolmaly dartyş güýji Zeminiň!
Daşlaşyp bilemok, çekýäň özüňe,
Ynha,oňa şu goşgy hem delilim.

Ýa-da saňa atmosfera diýeýin,
Howam ýaly öwrülipsiň geregme.
Sen ýok bolsaň demim ýetmän kösenýän,
Ýaşaýşy sen berýäň juwan bedenme.
Ýeriň howa gatlagy sen bilýäňmi,
Daşym gurşap, ömür berýäň ýüregme...

Ýöne, haýyş diňe meniň howam bol,
Sen diňe meni çek özüňe mäkäm.
Tamam bolma, sen bir ömre dowam bol,
«Sen, sen» diýip halys dälliremäkäm —
Gel, köşeşdir meni, özüňem diňle,
Saňa bolan söýgim ýaşyrmaýaryn.
Aslynda, men tapdym dartyş güýjüni,
Alymlaň aýdýanna goşulmaýaryn!

**Göwher ŞYHBERDIÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**



### *GABAN MENI*

***Men saňa asyl-ha gabanma diýmen,***
***Gaban meni bildirmede her kese.***
***Dönermi heý, bu ýüregim ýürekden***
***Gulluk edip ýörkä aşyk nerkese.***

***Bilegimden çala çümmüklän bolup,***
***Gaban meni bildirmede birjikde.***
***Söýgüsin bir adam gabanmaz, ol hem***
***Söýgüden sowaşyp kalby kirjikse.***

***Gaban meni, käte bolsa maňa-da***
***Gabanmaga az-owlajyk maý berseň.***
***Ýöne nädip gabanjagmy bilemok,***
***«Seni söýýän» diýip, gülüp goýberseň.***

### UGRATMAKLYK

***Rugsat ediň, ugradaýyn men sizi,***
***Howlyňyza çenli, öýňüze çenli...***
***Nobatguly REJEBOW.***

Rugsat etseň, ugradaýyn men seni,
Gije ýarym bolaryna garaşman.
Aladaly ejeň jaňynyň sesi,
Söýgä päsgel beräýmänkä ýamaşgan.

Rugsat etseň, garaňkydan goraýyn,
Tä barýançak howlyňyzyň deňine.
Körpe jigiň garaşybam durandyr,
Çygly burnun süpüripjik ýeňine.

Jigiň seniň hüwdülerňe tamakin,
Uklan däldir garanjaklap, ýaltaklap.
Süýji hüwdülerňi aýdyp beräýseň,
Körpejäňiz ýatar gider çalt uklap.

Aý-aýdyňda arzuw edip toý hakda,
Päk hyýallar getireli küýmüze.
Gyssanma, synlaýyn jemalyň, soňra
Rugsat berseň ugradaýyn öýňüze.

**Berdinazar DÖWLETOW,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.**

### Botanik gyza

Söýgi — çynar, menem onuň ýapragy,
Ondan tänmekligi islemeýärin.
Gyzlaň däl-de, men söýgimiň hamragy,
Şondan dänmegimi isleme, ýarym.

Şahyr söýse gudrat ýaly görýärler,
Özgäniň söýgisin geňlemeýärler.
Olaryň söýgüsem özleri ýaly,
Asyl, biri-birine meňzemeýärler.

Düşün, waspyň salsam ýazjak şygryma,
Ony saklamaga kalpda ýer bamy?!
Men gitmerin. Eger bir gün gidäýsem,
Ýasa meniň bedenimden gerbariý.

**Mukam BEKGYLYJOW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

### Umyt

Birden çykyp öňümden,
Geçip gitdi deňimden,
Soňra garap yzyna,
Sägindi bir ädimden.
Diýdi: «Hemişe bir umyt bar!
Saňa bagly ýürekde,
Aýrylmajak ýara bar.
Emma gözler her günde,
Seniň didaryňa zar!».
Diýdi ýene, ýene-de:
«Hemişe bir umyt bar!..
Belki, indi wagt boldy
Düşünsene eziz ýar».

**Aýnur ATAÝEWA,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# Sport we dünýä habarlary

## Aziýa Kubogyna bir ädim galdy

*18-nji noýabrda Aziýanyň Kubogy — 2027-niň saýlama oýunlarynyň çäginde Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndysy Hytaý Taýpeýiniň milli ýygyndysyndan 3:1 hasabynda üstün çykdy.*

Gazanylan nobatdaky wajyp ýeňiş Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndysyny arzyly ýaryşa örän ýakynlaşdyrdy. Yklymyň öňdebaryjy ýygyndylarynyň gatnaşmagyndaky bu ýaryşyň final tapgyryna çykmak üçin toparymyza soňky tapgyrda bir utuk toplamak hem ýeterlikdir.

«D» toparçanyň çäginde Arkadag şäheriniň 10 müň orunlyk stadionynda Hytaý Taýpeýiniň milli ýygyndysynyň garşysyna geçirilen duşuşykda ýygyndy toparymyz ilkinji minutlardan hüjüme geçdi.

Duşuşykdaky ilkinji howply pursaty toparymyzyň kapitany Elman Tagaýew döretmegi başardy. Soňlugynda duşuşygyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlanan ýarymgoragçymyzyň sag gyradan jerime meýdançasynyň merkezine geçiren topuna ilki ýetişen Rahman Myratberdiýewiň urgusyny kynlyk bilen hem bolsa derwezeçi gaýtarmagy başardy. Onuň soňlugynda, has takygy, 13-nji minutda jerime meýdançasynda dörän ýagdaýdan sowukganlylyk bilen baş alyp çykmagy hasabyň açylmagyna getirdi — 1:0. Şondan soň hem topa erk etmeklerini dowam eden ýygyndy toparymyzyň oýunçylary howply pursatlaryň birnäçesini döretdiler. Didar Durdyýewiň, Arzuwguly Sapargulyýewiň, Mirza Beknazarowyň, Welmyrat Ballakowyň erjel hereketleri netijesinde ýygyndy toparymyz oýny ynamly dowam etdirdi. Muňa garamazdan, duşuşygyň birinji ýarymynyň esasy wagtyna goşulan ikinji minutynda garşydaş toparyň ýeke-täk garşylyklaýyn hüjümi netije berdi — 1:1.



Duşuşygyň ikinji ýarymynyň ilkinji minutlaryndan hüjüme geçen milli ýygyndymyzyň kapitany Elman Tagaýewiň 53-nji minutda uzak aralykdan derwezeçiden üstaşyr geçiren topy sazlaşykly oýnuň netijesi boldy — 2:1. Soňra ätiýaçlyk oturgyjyndan oýna giren Meýlis Diniýew tapawutlandy — 3:1.

Şeýlelikde, gazanan wajyp ýeňşinden soň milli ýygyndy toparymyz toplan 12 utugy bilen ýaryş tertibinde birinji orny eýelemegini dowam edýär. Bu tapgyrda myhmançylykda Şri-Lankanyň ýygyndy toparyndan 4:0 hasabynda üstün çykan Tailandyň milli ýygyndy topary hem geçiren duşuşyklarynda 12 utuk toplamagy başardy, ýöne goşmaça görkezijileriň netijesinde ýurdumyzyň ýygyndy topary ýaryş tertibinde birinji orny eýeleýär. Ýadyňyzda bolsa, ikinji tapgyryň çäginde paýtagtymyzda geçirilen duşuşykda ýygyndy toparymyz Tailandyň milli ýygyndysyndan 3:1 hasabynda üstün çykypdy.

Türkmenistanyň milli ýygyndy topary 2026-njy ýylyň 31-nji martynda nobatdaky duşuşygyny myhmançylykda Tailandyň milli ýygyndysynyň garşysyna geçirer.

Saýlama oýunlarynyň çäginde 6 toparçanyň ýeňijileri Saud Arabystanynda geçiriljek Aziýanyň Kubogy — 2027-niň jemleýji tapgyryna gatnaşmaga ýollanma alar.

**Şatly MOMMADOW,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallymy.**

## Gadyry bilinýän eserler

Nýu-Ýork şäherinde geçen «Sotheby's» auksionynyň çäginde awstriýaly suratkeş Gustaw Klimtiň çeken «Elizabet Lederer» atly suraty 236,4 million dollara satyldy. Suratyň başlangyç bahasy 150 million amerikan dollaryna deňdi. Şeýlelikde, «Elizabet Lederer» Leonardo da Winçiniň «Halasgärinden» soň taryhda satylan iň gymmat suratlaryň ikinjisi boldy. Da Winçiniň eseri 2017-nji ýylda 450,3 million dollara satylypdy.

Auksionda satylan suratlaryň ýene biri meksikaly suratkeş zenan Frida Kalonyň «Düýş» atly eseridir. Ol 54,7 million dollara satyldy. Netijede, «Düýş» bu babatda häzire çenli zenan suratkeşleriň çeken suratlarynyň iň gymmady boldy.



## Adamlar we emeli dil

Alymlaryň geçiren täze barlag işlerine görä adam beýnisi emeli döredilen dilleri hem tebigy diller ýaly kabul edýär diýip, «Neuroscience» žurnaly habar berdi. Bu barlaglaryň netijesi adamyň beýnisiniň emeli dilleri başgaça kabul edýändigi baradaky pikirleri inkär edýär. Neýrobiologlaryň topary adamlaryň emeli döredilen dilleri (esperanto) öwrenende hem beýnisiniň umumy ähli dillere (şol sanda ene diline hem) jogap berýän çep böleginiň işleýändigini subut etdiler. Barlag işleri adamyň beýnisi üçin diliň tebigy gelip çykandygy däl-de, onuň grammatik gurluşynyň bolmagynyň esasy zatdygyny görkezdi.



## Tom Kruz «oskarly» boldy



Dünýä belli kinoaktýor Tom Kruz kinematografiýa goşan goşandy üçin hormat «Oskaryna» mynasyp boldy. 63 ýaşly aktýor mundan ozal bu baýraga dört gezek dalaşgär görkezilipdi. Ýöne oňa ahyrky netijede ýeňiş gazanmak başartmandy. Tom Kruzy «Oskar» baýragyna «Dördünji iýulda dünýä inen», «Jerri Maguaýr», «Magnolia» we «Top Gan: MeweriK» filmlerinde ýerine ýetiren keşpleri üçin hödürläpdiler.

Tom Kruz baýragyň gowşurylyş dabarasynda eden çykyşynda: «Kino maňa bütin dünýäni açýar. Şeýle-de ol maňa biziň birek-birege nä derejede meňzeşdigimizi görkezýär. Biziň niredendigimize garamazdan, kinonyň başynda hemmämiz bilelikde şatlanýarys, gynanýarys. Bu bolsa sungatyň şu görnüşiniň güýjüni görkezýär. Şonuň üçinem kino düşmek meniň kärim däl-de, ol meniň bir bölegimdir» diýip belledi.

**Taýýarlan**
**Näzik SERDAROWA,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

## Buker baýragynyň ýeňijisi yglan edildi

Edebiýat boýunça iňlis dilinde neşir edilen iň gowy eserlere gowşurylýan Buker baýragyny britan-wenger ýazyjysy Dewid Soloý özüniň «Läş» (Flesh) atly romany üçin aldy. Baýragyň eminler topary biragyzdan bu kitaba ses berip, ony «adam ejizliginiň hakykatçyl we özüne çekiji beýany» diýip atlandyrdylar. Roman Iştwan atly baş gahrymanyň ýaşlyk ýyllaryndan, garrylyk çagyna çenli durmuşyny ýzarlaýar. Eser gartaşmak, erkek kişiniň jemgyýetdäki orny we Ýewropadaky synpy tapawutlar ýaly temalaryň üstüni açýar. Soloý 50 müň funt sterling möçberinde pul sylagyny aldy.

**Taýýarlan**
**Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**




«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com